***Garaşsyzlyk — türkmen ruhuny galkyndyryp, täze ykbal bagyş eýlän mukaddeslik, türkmen üçin ömrüniň aýdymyna deňelýän gymmatlyk, türkmeniň Watan içre Watany hasaplaýan barlygy, halkymyzy müdimilik juwan eýlän baýlyk, agzybirligiň nyşanydyr. Garaşsyzlyk — parahatsöýüjiligiň beýik nusgasy, pederlerden dowam bolan täze eýýamy türkmen ykbalyna ýazan ömrümiziň sowulmajak bahary!***

Dünýäde parahatçylyk ýoly bilen gadam basmakdan, deňi-taýy bolmadyk gözellikleri döredip, onda öz bagtyňy şöhlelendirmekden, älemde beýik ynsanperwer ýörelgeler bilen tanalmakdan uly bagt barmy?! Ine, şol bagtyň agzybirlige ýugrulan sergin şemaly halkymyzy abadan ýaşaýşyň ruhuna gaplap aldy. Şeýlelikde, merdana pederlerimiziň jahany baglan şan-şöhraty bilen berkarar bolan ýurt Garaşsyzlygy — pederlerimiziň arzuwlan parahatçylygynyň durmuşa ornaşdyrylan subutnamasyna öwrüldi.

Täze döwrüň  — Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýaş nesilleriniň ýurdumyzyň öňegidişliklerine goşýan çirksiz goşantlary has-da dabaralanýar. Belentden-belent ösüşlere sary ýol alan eziz Diýarymyzyň ykdysadyýetiniň, senagatynyň her bir pudagynyň ösüşinde ýaşlaryň ornuny görmek bolýar. Ýaşlarymyzyň her biri Garaşsyzlyk toýuna özleriniň mynasyp zähmet ýeňişleri bilen barýarlar.

Garaşsyzlygyň eçilýän nygmatlary, özygtyýarlylygyň höziri halkymyzyň ýüregine ajaýyp owaz bolup girýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda parahatçylygyň owazy gül Diýarymyzyň gujagynda hem gursagynda, her bir ynsanyň köňül köşgünde ýaňlanýar. Ol owaz her dogan Günde-de, her bir açylan täze gülde-de, her daragtyň ter ýapragynda-da mylaýym ýaňlanyp dur. Ol ýakymly owaz ata Watany söýmek, onuň Garaşsyzlygyna tüýs ýürekden guwanmak hem buýsanmak bagtyndan döreýän ajap aýdymlarda, şirin mukamlarda dowam edýär.

**Aýjeren BALLYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň Maglumat tehnologiýalary we programmirleme fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.**

Все права защищены
save pdf date >>> 24.01.2026